***Amerikan mameýasy hemişe gök öwsüp oturýan agaçdyr. Onuň gelip çykan Watany Günorta Amerika hasaplanýar. Emma häzirki wagtda emeli usul arkaly bu agaç dünýäniň dürli sebitlerinde, şol sanda Demirgazyk Afrikada we Günorta-gündogar Aziýada giňden ýaýrandyr.***

Agajyň boýunyň uzynlygy 18-21 metre deň bolýar. Onuň goýy ýaşyl reňkli ýapragynyň uzynlygy 20 santimetr, ini 10 santimetr töweregi bolýar. Onuň ak reňkli, ýakymly ysly gülleri bolýar. Onuň miwesi togalak bolup, diametri 20 santimetr, agramy 1,5 kilograma golaý bolýar. Onuň ýumşak gabygynyň galyňlygy 3 millimetre golaý bolup, açyk mele reňkli bolýar. Onuň mämişi reňkli şireli ýumşak etlek bölegi bolýar.

Amerikan mameýasynyň miwesiniň eti süýji we özboluşly  ýakymly ysly bolýar. Onuň ýumşak etlek bölegi ýeke bir iýmit üçin ulanylman, eýsem ondan mürepbe we dürli hili içgiler hem taýýarlanylýar. Amerikan mameýasynyň tagamy erigiňkä meňzeşligi we ilkinji gezek Amerikada duş gelnenligi üçin oňa başgaça “Amerikan erigi” diýilýär.

Onuň miwesi halk lukmançylygynda giňden peýdalanylýar. Onuň tohumynyň insektisid häsiýeti bolýar. Onuň gury we ter ýapraklary ýanyklary bejermekde ulanylýar. Mameýa witaminlere we dürli minerallara baý bolýar. Onuň düzüminde saklanýan demir gany köpeldýär. Kalsiý süňkleriň berkemegine kömek edýär. Fosfor beloklaryň sintezine gatnaşýar. Bu miwäniň kaloriýalygy pes bolýar. Şol sebäpli bu miwe berhizliler üçin oňat önüm hasaplanýar.

**Jennet ALLAÝAROWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026